***Akmyrat Gürgenli:***

## Şahyr Baýram Jütdiýewiň tobasy

«…Otly barýar süýnüp-süýnip,

Täze taryh barýar, ynha!

Gözüň aýdyň, gözel ilim,

Halha, düşüp gelýär Alla!»

***(Nyýazowy Alla deňäp ýazn Abat ! goşgusyndan.
E.S 1.okt. 99)***



***Baýram Jütdiýew***

# Toba

Küpir geplän ýerim bar,

Toba, biri bar, toba.

Prişde däl, köp kirim bar,

Toba, biri bar, toba.

Kän gyzdyrdym kelläni,

Toba, biri bar, toba.

Ynjytdym bir bendäni,

Toba, biri bar, toba.

Gitdim melgun alyna,

Toba, biri bar, toba.

Başym goýdum tuguna

Toba, biri bar, toba.

******

## Alla maňa kuwat ber

Alam maňa kuwat ber,

Barym orta goýmaga.

Agyr-agyr ýollarda,

Söýülmäge, söýmäge.

Rowaç etme işimi,

Gyş ýeli deý öwüssem.

Gora gara görüpden,

Hem-de gara nebisden.

Bir azajyk bagyt ber
Aý, ýaradan, hossarym
Soň baryny yzyna
Ömrüm bilen gaýtaryn.

Sabyrly gul-tobam bar,
Eçileniň silap ber!...
İki dünýä arasy-
Sallançagym üwräp ber!...

Gora bigünä başym
Gargyşdan hem näletden
Harwar-harwar pul berme-
Harman-harman döwlet ber!

Şöhraty ber diläne
Serip gelse elini
Biz şöhratsyz ýazarys
İň şöhratly şygyry.

*******

Çeşme: Türkmensährada çap bolan
«Sahra» gazetiniň 232-nji sany 5-nji okt/2007 ý